***«Arkadag» toparynyň futbolçylary möwsümiň dowamynda üçünji baýragyny gazandylar. Arkadag şäheriniň adybir topary ýurduň Ýokary ligasyndaky çempionlygynyň, Naýbaşy Kubogynyň üstüni Türkmenistanyň Kubogy bilen ýetirdi. Final duşuşygynda «Ahal» topary bilen oýnan «Arkadag» topary 2:1 hasabynda ýeňiş gazandy.***

Ýeňiş gazanan toparyň gollaryny oýnuň 67-nji we 77-nji minutlarynda Şamämmet Hydyrow geçirdi. «Ahal» toparyndan Ýakupmuhammet Gowşudow (24-nji minut) tapawutlandy. Şeýlelikde, 2023-nji ýylyň başynda döredilen «Arkadag» topary Kubok bäsleşiginde bassyr üçünji ýyl ýeňiş gazandy. Ýeri gelende bellesek, geçen iki möwsümde hem Kubok bäsleşiginiň finalynda hut şu toparlar duşuşypdylar.

Final duşuşygynyň yzysüre Kubok bäsleşigine gatnaşyjylara baýrak gowşurylyş dabarasy geçirildi. Şeýle-de ýurduň futbol çempionatyny birinji orunda tamamlan «Arkadag» toparynyň gazanan ýeňşi bilen bagly medallar gowşuryldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 12.04.2026